# Kömür iýmese oňmaýan aýal

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Kömür iýmese oňmaýan aýal KÖMÜR IÝMESE OŇMAÝAN AÝAL

Hytaýyň Şansi prowinsiýasynyň (welaýatynyň) ýaşaýjysy 1976-njy ýylda doglan aýal maşgala Liniň iň gowy görýän iýmiti doňdurma-da däl, kebapdyr böregem däl…
Size ýalan, bize çyn: Agaç kömri!..
Medikler onuň eýýäm on bir ýaşyndan bäri geň-taň tagamy iýip gelmeginiň sebäbini asla düşündirip bilmän: «Organizminde nämedir bir zat ýetmeýän bolaýmasyn» diýip, düşnüksiz hümürdemek bilen oňaýýarlar. Näme-de bolsa, hakykat hakykatlygyna galýar: 1987-nji ýylda mekdep peçinde ot tutaşdyran wagty Li ömründe ilkinji gezek birnäçe gara tokgajyklary dadyp görüpdi. Şondan bäri hem ol özüni kömürsiz göz öňüne getirip bilenok.
Kömür bilen bir hatarda, Li etli, gök önümli we beýleki adaty naharlaryň ýanynda ep-esli mukdarda preslenen çaý ýapragyny iýmegi hem halaýar. Galan ýagdaýlarda ol öz ýaşytdaşlaryndan hiç bir weçden tapawutlanmaýar.

# Metbugat materiallary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar